# Kabul etme diktaturasy

Category: Kitapcy,Medisina
написано kitapcy | 23 января, 2025
Kabul etme diktaturasy KABUL ETME DIKTATURASY

AIDS/HIV-iñ waksinasy tapyldymy?
Otuz ýyl bäri şoñ üstünde işleýärler, häzirem tapylanok.
Ebolanyñ waksinasy tapyldymy?
Ebola wirusynyñ 1976-njy ýyldan bäri bardygy belli, emma onuñ waksinasy taýýar bolýança kyrk üç ýyl gerek boldy, ýañy-ýañy – geçen 2019-njy ýylda oñlandy.
Uzak wagta çekipdir diýmäñ. Waksinalary tapmak hemişe uzaga çekýär. Mysal üçin:

Rotawirusyñky 26 ýyla çekdi. (1980-2006)
Papillomañky 23 ýyla çekdi. (1983-2006)
Gepatit A-ñky 24 ýyla çekdi. (1967-1991)
Garamyk 34 ýyla çekdi. (1954-1988)
Gepatit B-ñki 38 ýyla çekdi. (1943-1981)
Pnewmokokk 66 ýyla çekdi. (1911-1977)
Ensefalit 39 ýyla çekdi. (1937-1976)
Menengit 68 ýyla çekdi. (1906-1974)
Hapgyrtma 22 ýyla çekdi (1945-1967)
Gyzamyk 9 ýyla çekdi. (1954-1963)
Poliomiýelit 20 ýyla çekdi. (1935-1955)
Ýapon ensefaliti 20 ýyla çekdi. (1934-1954)
Sary lihoradka 27 ýyla çekdi. (1912-1939)
Inçekesel 21 ýyla çekdi. (1900-1921)

Ondan biraz öñräkki taryha seredenimizde-de şundan onçakly tapawutly däl:

Tetanos 40 ýyla çekdi. (1884-1924)
Difteriýa 40 ýyla çekdi. (1883-1923)
Holera 30 ýyla çekdi. (1854-1884)
Ospa waksinasy 26 ýyla çekdi. (1770-1796)
Tif 58 ýyla çekdi. (1838-1896)

Biz neneñsi bagtly ekenik! Kowid-19-yñ waksinasyny on aýda tapdylar! Özem bir ýerde däl, ylaýyk dört ýerde!..
Ýeri, nädip «ýagtylygyñ tizliginde» tapylaýdyka bu?

## • AZYNDAN ON ÝYL

Kowid-19…
2019-njy ýylyñ 1-nji dekabrynda Hytaýda ýüze çykdy.
Heniz bir ýyl bolmanda (barlag abzalyny-da dogry işledip bilmeýärkäler) waksina tapyldy, deñiz jojuklarynda (gryzunlarda) synag edildi, satuwa çykaryldy!
Geçen ýyla çenli muña meñzeş derman däriniñ üstünde başyndan-ahyryna deñiç azyndan on ýyl işlenýärdi. Çünki:
– Laboratoriýa şertlerinde etmeli birgiden işler bar.
Waksina tapylaýan ýagdaýynda-da synag işleri-tapgyrlaýyn sanjym işleri bar. Mysal üçin:
– Synag edilýän haýwanlara we adamlare mikrokapsula görnüşinde etmeli sanjym işleri bar.
– Bioulanyşy ýa-da goşmaça täsirleriñ ujypsyz mukdarda sagdyn meýletinçide synag etme işleri bar.
– Waksinanyñ täsirli kapsula möçberiniñ az sanly näsagda synag etme işleri bar.
– Waksinanyñ täsirini we howpsuzlygyny kepillendirmek üçin optimum-dogry kapsulany we kapsula aralyklaryny hasaplama işi bar.
– Waksinanyñ goşmaça täsirlerine gözegçilik etmek üçin has köpräk kişilerde synag edilme işleri bar.
– Plasebo garşylykly işler bilen waksinanyñ ygtybarlylygynyñ, täsirliginiñ barlag işleri bar.
Ony hasaba alyp, resmileşdirmegiñ özüne azyndan 1-2 ýyl gerekdi…
Birdenem… öñ ady-sory eşdilmedik koronawirus orta çykdy duruberdi. Yzyndanam kliniki-synag işleri bilen waksinasy tapylyp, adamzada-da ýaramly hasaplanyp, satuwa çykaryldy? Bu ne beýle çalt?
Kimde sorag bar? Ses ýok.
Sorag ýok bolýan bolsa: Ýörüñ onda, hemmämiz, waksina tarap!

## • HOWUL-HARA OÝLAP TAPYŞ

Dünýäde az sanly adamdan başga waksina boýunça sorag berip bilýän hiç kim ýok. Bardy-geldi soralaýanda-da, ony aklyndan azaşan “däli” hasaplanýar…
“Ylmyň duşmany” diýibem, medisina boýunça gyzyklanmaz ýaly ýagdaýa getirdiler.
Hiç kimiň koronawirusy (ýaýraýyş tizliginiň aýratynlyklaryny) ýok saýanok. Ýöne “wirusyň çeşmesi” ýaly köp taraply çekişmelere ýol berilmeýşi size-de täsin görnenokmy? Şeýle, şeýle…
Adamlar bedeniniň üstünden ele geçirildi. Kabul etme (algı, воспроиятие) diktaturasy bilenem robotlaşdyryldy- beýnä näme ýükleseňiz, şolar ýaly garşylyk berer derejä getirildi!
Global gözegçilik astyndaky herkes ytagatkär boldy. Bolmanda-da, ölüm bilen dowamly gorkuzylan adam näme edip biler öýdýärsiňiz?
Hernäme-de bolsa, kapitalistik medisina-saglyk gegemoniýasyna şübheli göz bilen garaýanlar bar. Gören ýerlerinde menden soraýarlar:
– Waksinany dünýä satmaga taýýarlanýan «Pfizer» amerikan derman öndüriji şereketi barada ýazsaňyzlaň?!
Men bu barada «Gara gapyrjak» («Kara Kutu») kitabymda onlarça sahypa ýazdym. Başga näme ýazaýyn?
(«Pfizer» birinji tapgyrda bir kapsulany 15.50 euro-dan Ýewropa bileleşigine 300 million kapsula, 19,5 dollardan ABŞ-na 100 million, Ýaponiýa 120 million, Angliýa 30 million, Kanada 20 million kapsula satdy.
Men bu barada ýokarda adyny agzan kitabymda onlarça sahypa ýazdym, başga näme ýazaýyn?
Şübhe gözi bilen seretmän, hakykaty gözleýän kişiler kitabymy açyp okap bilerler…
Ýazgymy şu sorag bilen jemläýin:
Wirus çaltlyk bilen mutasiýa geçirip, ýagny, adaty prostuda, hatda näbelli dümewe öwrülip ýörkä, waksinanyň howul-hara tapylyp, satuwa çykarylmagynyň arasynda nähili baglanşyk bardyr öýdýäňiz?

Saglygyñ-medisinanyñ ykdysady-syýasy taraplaryny bilmegiñiz hökmany şert.

Soner ÝALÇYN.

«SÖZCÜ» gazeti, 26.11.2020 ý.

Terjime eden: Guwanç MÄMILIÝEW. Medisina